ULUSLARARASI TÜRK LEHÇE ARAŞTIRMALARI DERGİSİ (TÜRKLAD), 8. CİLT, 1. SAYI, 2024, 151 - 159. s., TÜRKİYE

https://doi.org/10.30563/turklad. 1452187

İntihal / *Plagiarism*

*This article was checked by* turnitin programında bu makale taranmıştır

Makale Bilgisi / *Article information*

Makale Türü / *Article types* : Araştırma Makalesi / *Research article*
Geliş Tarihi / *Received date* : 13.03.2024
Kabul Tarihi / *Accepted date* : 04.06.2024
Yayın Tarihi / *Date published*: 20.06.2024

Atıf / *Citation*

Atdayeva, M. (2024). Nesiminiň Kasydasynda Sopuçylyk Taglymatynyň Şahyrana Beýany. *Uluslararası Türk Lehçe Araştırmaları Dergisi / International Journal of Turkic Dialects (TÜRKLAD)*. 8. Cilt, 1. Sayı, 151-159.

# NESIMINIŇ KASYDASYNDA SOPUÇYLYK TAGLYMATYNYŇ ŞAHYRANA BEÝANY

*A study on the sufi teachings in nesimi's qasida*

**MARAL ATDAYEVA**[1]

## Öz

Seýit Nesimi kasyda žanrynda sopuçylyk taglymatlarynyň esaslaryny özboluşly şahyrana ýol arkaly beýan edýär. Nesiminiň kasydalary wähdeti-wujut, töwhid temasynda ýazylan eserlerdir. Şahyr mesnewiden geçen bu äheňleriň üsti bilen kasydasynda älem-jahanyň döredilişi we birligi baradaky pelsepewi pikiri beýan edip, älemiň we adamyň, asman we ýer sferalarynyň döredilş aýratynlygyna we meňzeşligine synçylyk nazraýýetinden çemeleşýär. “Nebis kitaby” mazmunyndaky tezkireleriň birnäçesi bilen alyp barlan deňeşdirme barlaglarymyzyň netijesinde Nesiminiň kasydasynyň sopuçylyk tezkirelerine kybapdaş şahyrana mazmuny ýüze çykaryldy. Tebigatyň gurluşy, olaryň sazlaşykly hereketleri, adam tebigatyna meňzeşligi orta asyr ensiklopediki eser “Pysalaýy Ihwan as-safada”, belli alymlarynyň biri Abu Bekr Razynyň şägirtleriniň biri Ahawaýnynyň lukmançylyga degişli “Hidaýat al-mutaallimin” tezkiresinde, Ibn Sinanyň “Ahwal an-nafs”, Nasyr Hysrowyň “Röwşennama”, “Afaknama”, Eziz Nefesiniň “Zubdat al-hakaýk” (“Saýlanan hakykatlar”), Mahmyt Şabesteriniň “Mir´at al-muhakkikin” (“Hakykat ýoluna düşenleriň aýnasy”), awtory näbelli “Ýüzlenmeleriň enesi” (“Um al-hitab”) ýaly eserlerinde giňişleýin gürrüň edilýär. Şeýle pelsepewi pikirler şygryýetde, aýratyn hem, sopuçylyk şygryýetinde giňden işlenipdir hem-de özboluşly leksiki - semantiki adalgalary döredip, birnäçe many gatlaklarynyň üsti bilen beýan edilipdir. “Afaknamalar” Muhammet pygamberiň “Özüni tanan Taňryny tanar” diýen hadysy bilen başlanyp, özüni tanamak hadysasynda intuisiýa aýratyn üns berlipdir we asman sferalary, tebigatyň gurluşy, hadysalary bilen adamyň gurluşy we häsiýeti deňeşdirilýär. Nesimi kasydasynda şeýle deňeşdirmeleri Gurhana salgylanyp ýazýar. Älemiň adama gatnaşygy “Afak we ahfuzda” belli bir tertipde görkezilipdir. Älemiň gurluşy bilen adamyň gurluşyny we älemiň hadysalary bilen adamyň häsiýetini deňeşdirýär. Adamyň material barlygy bilen birlikde ruhy halyny, gylyk-häsiýetlerini ylahy we maddy dünýä bilen bagly ýüze çykarýar. Ynsanyň beden gurluşyny

[1] Öğr. Gör., Türkmenistan İlimler Akademisi, Mahtumkulu Dil, Edebiyat ve Milli Elyazmalar Enstitüsü, Aşkabat/TÜRKMENİSTAN. El-mek: atdayeva9@gmail.com
ORCİD ID: https://orcid.org/0009-0001-6544-9621

tebigatyň gurluşy bilen deňeşdirip, gylyk-häsiýetine bolsa ahlak esaslaryna görä baha berýär. Makalada Nesiminiň Sufýan pikirlenişi onuň kasida goşgusyndan mysallar bilen aýan edilýär.

**Anahtar Kelimeler:** Nesimi, Sopuçylyk, Kasyda, Türkmen Edebiyatı

**Abstract**

Seyit Nesimi processed the principles of Sufism in his poems written in ode verse form. The themes of tawhid and wahdet-i vucud come to the fore in Nesimi's odes. By expressing the philosophical thought about the creation and unity of the universe through these themes in the "Masnavi", the poet approaches the nature and similarity of the creation of the universe and man, the heavens and the earth from an observational perspective. As a result of our comparisons with some of the biographies included in the "Book of Nefis", it was seen that Nesimi's ode has a similar content to Sufi biographies. Nature structure, its harmonious movement, the affinity of humankind and nature were deeply expounded in such works of the Middle Ages as: “Pysalaýy Ihwan as-safada”, the book related to medicine “Hidaýat al-mutaallimin” by Ahwaýny (X century), who was one of the disciples of Abu Bekr Razy, “Ahwal an-nafs” by Ibn Sina, “Rowshennama”, “Afaknama” by Nasyr Hysrow, “Zubdat al-hakaýk” (Selected verities) by Eziz Nefesi, “Mir at al-muhakkikin” (The mirror of those who are on the true path) by Mahmyt Shabester and “Um al-hitab” (unknown author). Such philosophical views were developed in poetry, especially in Sufi poetry. In this regard, unique lexical-semantic terms were formed, which are set out in various semantic fields. Afaknamas start with the Hadith of Prophet Muhammad: “Who knows himself (*his soul) knows his God*”. It’s given more attention for intuition in self-perception process, heavenly sphere and nature structure were compared with human body structure and his character. Nesimi based on Quran for following comparisons in his Qasidas. It was compared human body structure with natural phenomenon. The poet looked into man's material entity and the same time his mental world, affinity of human character to divinity and material world. In the article, Nesimi's Sufi thought is presented with examples from his ode.

**Keywords:** Nasimi, Sufism, Qasida, Turkmen Literature

## 1. Giriş

Nesiminiň Kasydasynda Sopuçylyk Taglymatynyň Şahyrana Beýany: Seýit Ymadeddin Nesiminiň üç kasydasy bolup, olar wähdeti-wujut we töwhid temasynda ýazylan kasydalardyr. Bu kasydalaryň bir temadan ýazylandygyna seretmezden, her kasyda dürli nukdaýnazardan beýan edilýär. M.L. Reýsneriň şeýle äheňleriň kasyda mesnewi žanrynyň temalarynyň üsti bilen geçendigini tassyklaýşy ýaly (Reisner, 2006: 66-92). Nesiminiň “Ela eý, dürri bähri lamekanym” (Nesimi, 1993: 191) diýip başlanýan kasydasynda mesnewisindäki älem-jahanyň döredilişi we birligi baradaky pelsepewi pikir ösdürilýär. Bu eserlerde umumy tema birmeňzeş bolsa-da, kasydada älemiň, adamyň, asmanyň we ýer sferalarynyň dörediliş aýratynlygy we biri-birine meňzeşligi synçylyk nukdaýnazaryndan beýan edilýär. Sopuçylygyň “synçylyk taglymatynyň” çygry örän giň bolup, älemiň geografik gurluşlarynyň, fiziki hadysalarynyň, himiki öwrülişikleriniň, matematik hasaplaryň üsti bilen deňeşdirmedir, meňzetmeler arkaly ösdürilipdir. Bu taglymatda elementlerden döredilen Barlyk alty tarapyň (dört tarap bilen ýokary we aşak) aralygyndaky zatlaryň material görnüşleri we hereketi barada pikir ýöredilýär. Nesiminiň kasydasynyň birinji bendinde žanryň talabyna laýyklykda: “Ela eý, dürli bähri lamekanym, // Ela eý, lagly käni kün-fekanym”- diýip “tükeniksiz dürli görnüşli “ylymdan” döredilen äleme” ýüzlenmek bilen tarypyny etjek meselesiniň töwhiddigine äheň berýär. Kasydanyň ikinji bendinde:

Okyram, diňlegil nebis kitabym,

Hädisi bes sehihdür okyganym – diýip, kasydada sopuçylyk taglymaty (nebis kitabym) barada gürrüň etjekdigini duýdurýar. Şeýle mazmunly tezkirelerde älem we adam tebigatynyň sazlaşykly kanunalaýyklygynyň esasynda ýokary bilim hasaplanan ylahy bilimleri öwrenmegiň ýollaryny görjezýän kitaplar göz öňünde tutulypdyr. Nesiminiň şeýle eserler bilen ýakyndan tanyş bolandygyna "Edep usuly" atly tezkirede şahyryň adynyň we setirleriniň getirilmegi hem şaýatlyk edýär (Afak ve Enfus, 1970: 346). "Nebis kitaby" mazmunly tezkireleriň birnäçesi bilen alyp barlan deňeşdirme barlaglarymyzda Nesiminiň bu kasydasynda sopuçylyk tezkireleriniň gysgaça mazmuny şahyrana beýan edilýändigi ýüze çykaryldy. Tebigatyň gurluşy, olaryň sazlaşykly hereketleri, adam tebigatyna meňzeşligi orta asyr ensiklopediki eser "Pysalaýy Ihwan as-safada", belli alymlarynyň biri Abu Bekr Razynyň şägirtleriniň biri Ahawaýnynyň (X a.) lukmançylyga degişli "Hidaýat al-mutaallimin" tezkiresinde, Ibn Sinanyň "Ahwal an-nafs", Nasyr Hysrowyň "Röwşennama", "Afaknama", Eziz Nefesiniň "Zubdat al-hakaýk" ("Saýlanan hakykatlar"), Mahmyt Şabistarynyň "Mir´at al-muhakkikin" ("Hakykat ýoluna düşenleriň aýnasy"), awtory näbelli "Ýüzlenmeleriň enesi" ("Um al-hitab") ýaly eserlerinde giňişleýin gürrüň edilýär. Şeýle pelsepewi pikirler şygryýetde, aýratyn hem, sopuçylyk şygryýetinde giňden işlenipdir hem-de özboluşly leksiki - semantiki adalgalary döredip, şygryýetde birnäçe many gatlaklarynyň üsti bilen beýan edilipdir.

Gadymdan gelýän ylymlara arka direýän sopuçylyk taglymatyny beýan edýän eserlerde tebigata ýiti synçylygyň esasyndaky pelsepewi dünýägaraýyşlar ösdürilýär. Onda tebigy hadysalaryň ýüze çykyşy, hereketi, mazmuny, sebäpleri, şertleri düýpli işlenip, onuň adamyň tebigatyna meňzeşligi barada pikir ýöredilýär. Bu synçylyk esasynda ýüze çykarylýan meňzetmelerde älemdäki ähli barlygyň material we ruhy taraplary adam bilen gatnaşykda işlenilýär. Şeýlelikde, adamyň bedenini elementleriň gatnaşygynda döreýän janly tebigatyň material görnüşi bilen, ruhuny bolsa Hak bilen gatnaşykda işleýärler. Hakyň adam bilen gatnaşygyna düşünmegi üçin ynsanyň ilki bilen öz aslyny öwrenmegi onuň ilkinji wezipesi hökmünde orta çykarylýar. Şoňa görä, "Afaknamalar" Muhammet pygamberiň "Özüni tanan Taňryny tanar" diýen hadysy bilen başlanyp, ynsanyň özüni tanamagy üçin Älemiň ýaradylyş syrlaryny bilmelidigini ündeýär. Nesimi bu hadysy Alynyň adyndan bermek bilen özüniň sopuçylyk ugruna äheň berýär. (Aýtdy kim Şahymerdan şiri ezdan, // Özüňi bilgeni ýaryklar oganym.) Eserlerden görnüşi ýaly, Nesimi hem ynsanyň özüni tanamagynyň esasy şerti "nebsi" tanamak hasaplaýar. (Tanygan nefsini tanyr eýesin,) Özüni tanamak hadysasynda üşük pähimine aýratyn ünsi çekip, asman sferalary we tebigatyň gurluşy bilen adamyň gurluşyny we häsiýetini deňeşdirýär. Adamyň her bir agzasynyň aýratynlyklary bilen birlikde ruhy ýagdaýyny, gylyk-häsiýetlerini ylahy we maddy dünýä bilen bagly ýüze çykarýar. Ynsanyň beden gurluşyny tebigatyň gurluşy bilen deňeşdirip, gylyk-häsiýetine bolsa ahlak esaslaryna görä baha berýär. Şeýlelikde, Barlygy adam bilen deňeşdirmek arkaly ynsanyň aýratyn artykmaçlygyny ýüze çykarýar we onuň artykmaç tarapy bolan köňlüni Hakyň ynsanda ýüze çykmasy hasaplaýar. Köňlüň bu aýratynlygy adamyň düşünje ukybyndan ýokardadygyny ýörite belleýär. (Ne kim bar durur afak içinde, // Bar ol enfuste ýokdur imtihanym(deňeşdirmäm.)) Nesimi bu gatnaşyklaryň esasynda durýan älemiň syrlaryny öwrenmek üçin onuň başlangyjyny öwrenmegiň zerurlygyny belleýär:

Hurufy akl erur eşýada mesder,

Ýazylmyş nushasy iki jahanym.

Ne kim bar durur afak içinde,

Bar ol enfuste ýokdur imtihanym.

Şahyryň bu setirleri şeýle mana eýe: "Mesder – ähli zadyň başlangyjy, eşýa ähli zat manysynda bolup, ähli zadyň başlangyjy we iki dünýäniň syrlary hem Sözden-Logosdan başlanýar. Älemde (afakda) näme bar bolsa ol adamda (enfusda) hem bardyr". Bularyň ählisi barada "Löwhi mahfuzda" ýazylandyr:

Kaza birlen kadardyr fylgu niýet,

Hyreddur arşu kürsi löwh sanym.

Wujudyndan talap kyl löwhi mähfuz,

Okyram hikmeti löwhi maganym.

Şahyryň pikirine görä, löwhi mahfuzyň syrlary hikmetlerde, ýagny sopuçylyk taglymatyny beýan edýän "afaknamalarda" beýan edilendir, oňa diňe bilimiň, üşügiň (hyred) üsti bilen ýetip bolýar. Kasydada asman sferalaryna we planetalaryň ynsanyň täleýine gatnaşygyna aýratyn üns berilýär. Kazanyň (ýazgyt), täleýiň belli bir derejede ynsan häsiýetlerine täsirini ýetirişini öwrenmek üçin planetalaryň aýratynlyklaryny öwrenmeli. Astrologiýa ylmynda mälim bolşy ýaly, ýyldyzlary öwrenmek we olaryň adam ykbalyna täsiri orta asyr ylmynda işjeň öwrenilen ugurlaryň biridir. Adamyň täleýini ýyldyzlara görä görmek, ynsanyň beden agzalarynyň tebigata meňzeşligi baradaky pikirler gadymy "Awestada" giňden maglumatlar berlipdir. Aýratyn hem ähli döwürlerde alymlary on iki ýyldyz bilen ýedi san gyzyklandyrypdyr. On iki burj ile iki köwäkib (täleý ýyldyzy),// Erer başdan aýak bu ýeti sanym. Ýokarda bellän tezkirelerimiziň ählisinde hem adam agzalarynyň ýyldyzlara baglanyşygy barada ýörite aýdylýar.

Buruj içre aýak Hur, Hemel baş,

Kamar hem öýkendir, burj zybanym.

Atarud isbagmyz, böwrek bu Zöhre,

Ýürekdir Şems, hurşyd – dabanym.

Tuluk oldy Zöhel, Myrryh hem öt,

Bagyrdyr Müşteri göbek Mizanym.

Bilim – Söwer, golum – Jöwza biler men,

Bu sözde ýok durar zerre gümanym.

Nesiminiň şeýle deňeşdirmesi Gurhana (41:53) salgylanylyp, älemiň adama gatnaşygy "Afak we ahfuzyň" 13-nji babynda şeýle tertipde görkezilipdir. Daglary adamyň süňküne, baglary saça, ödi gana, eti suwa deňemek gadymy "Awestadan" gözbaş alyp, soňra beýleki dini kitaplarda berlipdir. Keramatly kitaplarda (E.Bloşeniň pikirine görä, Awestanyň "Dam-dat-naska-sy" babatda): "adamyň bedeni – älem kysymly" diýlip, birinji paragrafynda dünýäniň ölçegi barada aýdylýar: dünýä hem adam hem suwdan döredilen. Şeýle-de olaryň hersiniň öz ölçegine görä beýikligi bar. Onda älem bilen adam bedeni deňeşdirilýär: adamyň arkasy – asman, eti toprak, süňkleri – daglar, damarlary – derýa, bedendäki ganlar deňizdäki suwlar, aşgazan – deňiz, saçlar, tüýler –ösümlikler, tokaýlar, beýniniň süňki – metal. Adamyň dogabitdi aňy – tebigatyň mart aýyndaky jany ýaly, gazanylan aň - peýdaly we tabyn haýwanlar ýaly, bedeniň ýylylygy - ot ýaly, eliň-aýagyň barmaklary – ýedi planeta we on iki täleý ýyldyzy ýaly diýilýär . Iýmiti siňdirýän aşgazan bulutlara we oda, adamyň dem alşyna, dişleri ýyldyzlara we ş.m deňeşdirmeler görkezilýär (Bertels, 1970: 39). Ondan başga-da, adamyň organizminiň her bir organynyň işleýşi tebigatyňky bilen deňeşdirilýär. Nesiminiň aşakdaky setirlerinde tebigata içgin synçylyk netijesinde ýüze çykan we asyrlary boýy dowam eden şeýle pikir dowam etdirilýär:

Süňkdir dagu diş, bildir siňirler,

Erer ot gan, et – aby rewanym.

Wujudda balgam we sewda we sefra,

Kylar galýe erur (gaýnar, joşar) serçeşme ganym.

"Afaknamada" (a; 15 -17) we "Umm al - hitapda" (16) daş töwerekdäki bar zatlar: tebigatyň, ondaky hadysalaryň, pasyllaryň, haýwanlaryň dürli-dürli häsiýetleridir, alamatlary adama meňzedilýär. Mysal üçin adamyň damarlary derýalara, süňkleri daglara, saçlary tokaýlara, bedendäki parazitleri ýabanylara, öň tarapyň, ýüzüň – guralan jaýa (Ilkibaşlangyja), arka haraba (material dünýä); ýaz pasly çagalyga, tomus ýigitlige, güýz kämil adamlara, gyş garrylyga meňzedilýär. Nesimide bu şeýle beýan edilýär:

Garrylyk – gyş, ýaz boldy ýigitlik,

Tefillik ýaz erur, misli juwanym.

Wujudyň şährine jellat ýetişdi,

Ne kim lukma salyr çeýnär dahanym.

Ezelden ol ebed paýanu ahyr,

Jeset – esgar, jahan - ekber rewanym.

Dünýäniň ähli çägi ýedi bölege bölünen: demirgazyk we günorta, günbatar we gündogar, ýokarky we aşakky älem, iň soňunda ortaky dünýä, älem merkezi, we bu bölünişikde her bir barlygyň berk höküm bilen ýerleşdirilen öz aýratyn orny bar. Bu bölünişige laýyklykda tebigy ýagdaýlar jismi zatlar ýaly, hadysalaryň aýratyn fazalary hem paýlanýar (Cassirer, 2001: 102).

Ýüzüm – Magryp, süňňüm – Maşryk, ýemin öň,

Baş üstüm, şol ýesar astyn diýenim.

Köňülniň kutudyr gerdende gerdan,

Görüner arka kähkeş keşanym.

"Umm al-hitab" atly filosofik tezkirede adamyň ýaradylyşy we onuň her bir beden agzasynyň ýerine ýetirýän işine, olaryň ähmiýetine üns berilýär ("Umm al-hitab": 11,12,13,14,15 b (Afak ve Enfus, 1970: 34-35). Nesiminiň aşaky setirleri bu kitapdaky pikirler bilen gabat gelýär:

Elim, aýak kamu işlerge kämil,

Gulak oldy naýyb, göz didebanym.

Felekdir atamyz, ebra - enemiz,

Kamu eşýa garyndaş, mähribanym.

Nesimi sopuçylyk filosofiýasynda öňe sürlüýän ideýalaryň asyl taryhynyň gaty gadymylygyna ünsi çekmek bilen adamzat döräli bäri, bular barada pikir ýöredilýändigini nygtaýar:

Töwaryh heýhaty gerdiş, tewakkuf,

Erürdür nukteýi eý, nuktedanym.

"Töwaryh" sözi arap dilinde – "taryh", "heýhaty" – "ne beýele daş", "gerdiş" – "aýlanýan hereket", tewakkuf – "saklanmagy, durmagy" aňladýar. Ikinji setirdäki "ideýa" manysyndaky gelýän "nukteýi" sözi "nuktedanym" diýlip, "inçeden yzarlamak" manysynda gelýär. Şahyr "örän gadymy döwürlerden bäri barlygyň aýlanyp duran herketinde inçeden yzarlanýan bu ideýanyň saklanyp gelýändigini" aýratyn nygtamak bilen onuň syrly mazmunyna ähmiýet berýär. Hut şu syrly mazmundaky ideýa adamyň tebigaty öwrenmek intuisiýasyny oýarýar. Tebigatyň aýlawly hereketiniň içinde adamyň köňlüniň halynyň baky ýaşaýyşda gaýtalanyp durmagy ýaly kanunalaýyklyklar dünýäniň barlygyny saklaýan hadysa bolup, şahyr içki pikirlerini bendiň içki tekstinde ýörite nygtap geçýär.

Adamyň tebigatynyň aýratynlyklaryna üns berýän şahyr ýaradylan zatlaryň ählisi adamyň özüni öwrenmegi üçin ýaradylan diýen pikiri öňe sürýär. Şu pikire görä, haýwanlar adamyň ahlak häsiýetlerini öwrenmegi üçin ýaradylan. Adam olara syn edip, özüniň artykmaçlygyna akyl ýetirmeli we duýmaly we olara häsiýetli sypatlary özünden aýyrmaly. Adamyň şahsyýetiniň beýikligi ahlak we ruhy aýratynlygynda mälim bolýar. Onuň ahlak we ruhy hili haýawanyňkydan tapawutlanmasa, onuň hakyky haýwandan tapawudy galmaýar we asyl sypatyndan bütinleý üýtgeýär. (Uruşmaklyk, dalaşmaklyk - bu şeýtan, // Kamu itlik turur adam nyşanym.) Adamda haýwana meňzeşlik onuň häsiýetinde ýüze çykýar. Zatlaryň içki mazmunyny we döredilişiniň manysyny görmegi başarýan adamyň nukdaýnazarynda olar örän aýdyň. Jemgyýetde adamyň asyl maksadyna düşünmeýän we görmeýän, diňe iýmek, içmek, ýatmak we keýpi- sapada ýaşamak isleýän adamyň psihikasynyň haýwanyňkydan tapawudy ýok hasaplaýar:

Tewazug adamy gaplaň tekebbür,

Gazaplanmak taki erer ýylanym.

Hesed tutmak (göriplik) doňuz, aý-u syfatdyr,

Garynja - hirsimu (nebisjeň) kine -çiýanym.

Sygyrlyk köp iýmek, şähwet - eşeklik,

Ýaman - böri, tilki - hile kylanym.

Şundan görnüşi ýaly, gazaplanmak, göriplik, betnebislik, kine saklamak, köp iýmek, şöhrata kowalaşmak, hilegärlik ýaly häsiýetler şahyryň ýazgarýan häsiýetleri. Şeýle häsiýetli haýwanlary synlamak bilen adam özüniň artykmaçlygyny bilmeli. Adam synçylyk bilen akyl ýetirmek ukybyna eýedigine düşünmeli. Adam kem-kemden şeýle artykmaçlyklarynyň gymmatyny kalbynda duýup ugraýar. Bu usul özüňi tanamagy öwretmegiň ýönekeý başlangyçlarydyr. Sopuçylyk taglymatynda adamyň diňe bir daşky sypatynyň meňzeşligi däl, eýsem onuň gylyk-häsiýeti, temperamenti, özüni alyp barşy, nebsewürligi, ruhy ahlak taraplary hem tebigatdaky haýwanlaryň häsiýetli taraplary bilen deňeşdirilip öwrenilipdir. “Afak-namanyň” (a) 9-njy bölüminde adamy hakdan aýyrýan ruhuň on dürli häsiýeti görkezilýär. Olar: gödeklik, gazap, ýigrenç, gahar, gopamlyk, öç alyjylyk, göriplik, gysgançlyk, ikiýüzlülik, gybatçylyk. Nesimi şeýle häsiýetleri haýwanlaryň üsti bilen görkezmek bilen, öz-özüne syn etmek arkaly terbiýe bermäge çalyşýar. Şahyr liriki gahrymany dürli-dürli häsiýetli haýwanlaryň sypatyna salmak arkaly, onuň adam tebigatyna hasdygyny ünsi çekýär. Allany ýadyndan çykardýan şeýtana meňzetmekden başlamak bilen, öz aslyndan aýra düşen adamyň ynsanlyk häsiýetiniň haýwan häsiýetine geçişini görkezýär.

Tebigatda ýylyň dowamynda bolup geçýän özgerişlikler adamyň tebigatyna hem mahsus. Elementleriň temperaturanyň üýtgemegi bilen her pasylda üýtgeýşi ýaly, adamyň tebigaty hem her müçede üýtgäp durýar. Adam ýaşadygyça ömrüni kütekläp barýar. Adamyň tebigatyna mahsus bu hadysany ýagyşyň ýere siňişine meňzedýär (Wujuda dört fasyl erur enasyr, // Bulut – öpke, ýaşym ýagmyr ýaganym.). Onuň adam tebigatyna gögüň gürleýşi ýaly täsir edýändigini belläp, hiç bir zada biparh bolmaly däldigini duýdurýär:

Bulutnyň kükremesi bolsa ýaşymdan,

Çakylmyş ragd erür, ragdy feganym.

Mutyg – mütmeýine, bil hemme jasuz,

Bolur lewwamadan mukbek nyşanym.

Şahyr arkaýynlygy adama gurnalan hile hökmünde görkezýär. Arkaýynlyk içaly ýaly adam tebigatyna ornaşyp, onda ýowuzlyk, egrilik ýaly gylyklaryň döremegine getirýär:

Hyýalyň nagşydyr barçasy tezwir,

Ýowuzlyk, egrilik, gümrah gümanym.

Şahyr arkaýyn bolmazlyk üçin ýörite gizlin syrlaryň käbirini açyp görkezmekden hem çekinmeýär:

Hyraddür Jebraýyl, mursel – tilimiz,

Köňül içre tutar razy nahanym.

“Mir´at al-muhakkikin” kitabynyň 64-nji bölüminde, “Zubdat al-hakaýik” kitabynyň 26-njy bölüminde perişdeleriň ruhy hyzmatlary şeýle tertipde berilýär: söz – Jebraýyl, hat – Ezraýyl, akyl-huş – Mikaýyl, pikir – Ysrafyl. Nesimide bu ýagdaý şeýle beýan edilýär: Muhammet pygambere berlen bilimiň Jebraýylyň üsti bilen berlişi anyk pelsepewi mazmuna eýe. Bu ýerde Muhammet pygamberiň ynsan tebigatynda ylahy ruhuň peýda bolmagy baradaky taglymat öňe sürülýär, çünki ylahy bilimleri pygamber ynsan dilinde şahyrana beýan edýär – munuň özi Allanyň hikmetiniň Gurhandaky beýany. Alla bilen adamyň arasyndaky gatnaşygy döreden Jebraýyl perişde ylahy bilimleri ýüze çykarýan ylham. Ezraýylyň “hatyň” üsti bilen görkezilmegi täleý ýazgysy ömür, ykbal manysynda gelýär. Nesiminiň pelsepesinde ynsan öz ykbalyny Ýaradanyň peşgeş beren akly bilen kämilleşdirmeli diýlip, akyly – pähimi Mikaýylyň, ideýalary (nutk) bolsa Esrafylyň üsti bilen görkezýär. Bularyň ählisine düşünmek ýa-da tasawwufa görä “duýmak” üçin hökmany suratda hylwata –ýalňyzlyga girmeli:

Tewahhüm – Ezraýyl, fähmiň – Mikail,

Ki Esrafyldyr nutgy dahanym.

Öňde belleýşimiz ýaly, Allanyň sözüniň beýanyny beren arap elipbiýiniň 28 harpyň simwolikasyny asman sferalary bilen baglap işlemek şol döwürleriň eserlerinde ýörgünli bolupdyr.

Pasybany burjunyň eý, pasyban,

Ol ýigrimi sekiz kişi haman.

Asman sferasynynyň derejelerini arap elipbiýiniň 28 harpyna baglanyşdyrmak pars, täjik sopuçylygynda giňden ýaýran düşünjedir. Badahşan töwereklerinde giňden öwrenilen Eziz Nesefiniň “Zubdat al-hakaýyk” kitabynyň 9, 10, 11-nji bölümlerinde Allanyň ruhlary döredişi barada ýazylýar. Alla ilki başlangyçda ruhy döredip, soňra ony emri bilen gyzdyrýar. Onuň asly ýokary galyp, galanlary bolsa aşak çöküpdir. Asyl ruhdan ruhy derejeleri, aşak çöken ruhdan jisim derejelerini döredipdir. Ruh jisimleri we ösümlikleri tebigatyna görä herekete getirýär, haýwanlary erkine görä, adamlary bolsa aklyna we duýgusyna görä herekete getirýär. Asyl ruh Muhammediň ruhy, ondan soňky derejedäki ruhlar beýleki ilkinji hatarda durýan pygamberleriňki we ş.m. tertipde minerallaryň ruhuna çenli aşaklygyna gidýär. Gysgaça aýdylanda ruhlaryň iýerarhiýasy döredilýär. Bu taglymat esasan hem, ibn Sinanyň, Şyhabetdin Suhrawerdiniň, ibn Arabynyň işlerinde biri-birini dowam etdirip ösdürilýär.

Tebigatdaky jisimler gaýnap ýokary galýar, şonuň esasynda dokuz asman emele gelýär, soňra ýedi asman, soňra elementler emele gelýär.

On iki aý tolar bir ýyl tükene,

Erür ebjet bu sinu şin nyşanym.

Gürrüňini edýän edebiýatymyzyň leksik – semantik aýratynlygyna häsiýetlilikde köplenç belli bir sanlary ebjet hasabynda - harplarda bermek ýörgünli bolupdyr. Şahyrlar köplenç ýylyň 360 gününi ýa-da ýer şarynyň 360 gradusyny sin –şin harplarynyň üsti bilen beripdirler. (Ebjet hasaby boýunça sin 300-e, şin 60-a deň). Asman bilen adam bedeniniň deňeşdirilmegi, 12 ýyldyz täleýnama, adamyň bedeniniň 12 agzasy, ruhuň 28 duralgasy we 28 nerw, 360 gradus we adamyň 360 damary, 7 planeta we 7 dolandyryjy organy we ş.m. barada “Miraat al - muhakkikin” eseriň 49 babynda berilýär.

Şahyr bu kasydasynda sopuçylyk taglymatynyň gysgaça manysyny beýan edýändigini aýdyp, onuň üsti bilen ýetip bolýan derejeleri özüniň tejribesiniň mysalynda görkezýär:

Müfessel suratyda zaty mejmel,

Ki zaty zar erer serçeşmeýi janym.

Garaňku – gaýgydan, uýku – edemden,

Bilik uçmah erur tamug nadanym.

Zeker Akrab Gows bit, Judeý – nerler,

Aşyklar-Deluwdir, aňla beýanym – diýýän setirlerinde mistikleriň "dünýäniň belgiler" (Plotin, 1996: 50-51) üçburçlygy göz öňünde tutulýär. Bu hadysa 12 sany täleý ýyldyzynyň üsti bilen beýan edilýär.

On iki burj ile iki köwakib,

Erer başdan aýak bu ýeti sanym.

Kelamy Iýzediden nazyl (iniş) oldy.

Ýigrimi sekiz ol harfy zybanym (Nesimi, 1993: 193)

Görnüşi ýaly, gökdäki we ýerdeki ähli ruhlaryň jemi 28 hasap edilip, olar arap elipbiýindäki 28 harp bilen deňeşdirilýär. Nesimi ýokardaky setirde "Izediden gelen kelamyň", ýagny 28 harpda dile gelmegini esasan hem, onuň "filosfiki Logos" manysyny göz öňünde tutýar. Asman sferasynyň şeýle gatnaşygy ibn Arabynyň "Mekke açylyşy" atly kitabynyň birinji babynda ("Harplar barada düşünje") we 60-njy babynda ("Elementler barada düşünje") harplaryň we elementleriň gatnaşygyna we hiline arka direýär. Birinji babynda arap elipbiýiniň şeýle häsiýetleri barada gürrüň edýär: "zaý" we "lam" – gyzgyn we gury, "elip" – gyzgyn we çyg, "aýn" we "gaýn" – sowuk we gury, "sin" we "şin" – gyzgyn we gury. 60-njy babynda bolsa tersine herket edýändigini ýazýar. Şahyryň bu setirlerindäki harplaryň taryhy baradaky pikir "sesiň gudraty" baradaky taglymat esasynda berilýär. Bu taglymat Suhrawerdiniň "Jebraýylyň periniň owazy" atly eserinde işlenilipdir. Eseriň ikinji bölüminde piriň şägirdine "ylahy dünýäniň" bilimini öwredişi barada bolup, onda ilki bada "jafr" bilimi, ýagny san simwolizmine esaslanýan harplaryň we sözleriň syrly ezoteriki mazmuny berilýär. Soňra Allanyň hut perişdeleri dörediși ýaly filosofik Logos manysyndaky sözi dörediшini we Günüň öz ýagtylygy bilen ýyldyzlardan ýokarda bolşy ýaly, belent Sözüň-Logosyň perişdelerden ýokardadygyny beýan edýär. Adamyň özi Allanyň sözüni we Jebraýylyň perleriniň owazyny ýüze çykarýar. Jebraýylyň ganatlary ýeriň we asmanyň üstüne ýazylyp, material dünýä - günbatara onuň çep ganatynyň kölegesi düşýär. Perişdeleriň nurly dünýäsine – gündogara onuň sag ganatynyň şöhlelenmesi düşýär. Şeýlelikde, bu dünýädäki ähli zatlar Jebraýylyň ganatlarynyň owazynyň netijesinde hereketde bolýar. Hut perişdäniň ganatynyň sesi bolan sözüň netijesinde adam dünýä gelýär we hut Sözüň üsti bilen – ylahy atlarda – ol ilkibaşlangyç ýagdaýyna we ylahy çeşmesine birleşýär (Nasr, 2014: 88).

Janly tebigatyň sazlaşykly hereketine hem-de olaryň adam tebigatyna meňzeşligi gadym döwürlerden bäri alymlary gyzyklandyryp gelipdir. A.E.Bertelsiň: "Ýezda otparazçylykdan öňki hudaýlara bolan hormatyň otparazçylykda galan bölekleri" (Bertels 1970: 45) diýip belleýşi ýaly, Şyhabetdin Suhrawerdi otparazçylyk adalgalarynyň däbinde "Izeýd" diýip atlandyrypdyr (Corben, 2010: 209). Görnüşi ýaly, Nesiminiň soňky setirinde "kelamy Izeýdiden inip geldi" diýmek bilen, ylahy ylymlaryň harplar we söz bilen gatnaşygynyň gadymyýetiň çuňlugyndan gözbaş alýandygyna ähmiýet berendigine düşünmek bolýar. Ondaky harplaryň taryhy baradaky pikiri "sesiň gudraty" baradaky taglymat esasynda berilýär.

"Edep usuly" atly tezkirede Nesiminiň pars dilinde "Seniň ýüzüňdäki 33 hatyň syrlaryna düşünelim bäri, alty tarapa baksamda diňe seni görýän" diýip ýazan setirleri getirilýär.

Munuň özi şahyryň bu bilimleri gowy özleşdirendigininiň şaýadydyr. Bu eserde Nesiminiň adynyň tutulmagyny Ý.E.Bertels ýörite gyzyklanma bilen belläp (Afak ve Enfus, 1970: 135) eseriň özüniň XVII-XIX asyrlarda göçürilendigini çaklaýar. Onda şahyryň adynyň ýörite ýatlanmagy we setirleriniň getirilmegi Merkezi Aziýanyň akyldarlarynyň Nesiminiň döredijiligi bilen gyzyklanandygynyň şaýady bolup durýar.

Kasydanyň içki gatlagyndaky ähli pikirleri barlaga çekmek mümkinçiligimiz ýoklugyndan, ony gysgaça düşündirmäge çalyşdyk. Şeýle-de bolsa, Nesiminiň tutuş döredijilik dünýägaraýşyndan görnüşi ýaly, bu eseri sopuçylyk bilimlerini öwredýän gollanmanyň şahyrana görnüşi diýip ýaýdanman aýdyp bolar. Şahyryň örän çylşyrymly düşünjeli mazmunlary belli bir ölçegleri talap edýän şygyr setirlerinde ussatlarça beýan etmegi, onuň şahyrana ussatlyk derejesini aýdyň görkezýän aýnasydyr.

## Kaynaklar

*Afak ve Enfus Üzerine Beş Felsefi Risale*. (1970). Moskova: Nauka,

Bertels A. E. (1970). *İran IX-XV Yüzyıl Sanatında Sanatsal Imge*. Moskova: Doğu Edebiyatı RAN.

Corben, A. K. (2010). *İslam Felsefesi Tarihi*. Moskova.

Cassirer, E. (2001). *Sembolik Formların Felsefesi. Cilt 2: Mitolojik Düşünme*. Moskova.

Reisner, M.L.(2006). *XIII. Yüzyılın Fars Lirik Şiiri*.

Seyyid İmadütdin Nesimi (1993). *Seçilmiş İşler*. Aşkabat: Türkmenistan Neş.

Seyyid Hüseyin Nasr (2014). *İslam Filozofu: İbn Sina (İbn Sina), El-Sühreverdi, İbn Arabi*. C.1. Moskova.

## Etik, Beyan ve Açıklamalar

**1.** Etik Kurul izni ile ilgili;

☒ Bu çalışmanın yazar/yazarları, Etik Kurul İznine gerek olmadığını beyan etmektedir.

▢ Bu çalışmanın yazar/yazarları, …………………….. Üniversitesi ………………. Etik Kurulu'nun tarih ……….. sayı ………. ve karar………. ile etik kurul izin belgesi almış olduklarını beyan etmektedir.

**2.** Bu çalışmanın yazar/yazarları, araştırma ve yayın etiği ilkelerine uyduklarını kabul etmektedir.

**3.** Bu çalışmanın yazar/yazarları kullanmış oldukları resim, şekil, fotoğraf ve benzeri belgelerin kullanımında tüm sorumlulukları kabul etmektedir.

**4.** Bu çalışmanın benzerlik raporu bulunmaktadır.